# Aşyk men bilseñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aşyk men bilseñ AŞYK MEN BILSEŇ

Seni görsem ýüregime ot düşer,
Kaddy-kamatyňa aşyk men bilseň.
Aşygyň ynjalmaz örtenip-bişer,
Yzaňdan aýňalsam özüme gelsem.

Dertliler derdiner, dertdeş düşüner,
Başyna düşmedik eştse üýşener,
Ýürek lowlap ýanar, ruhum üşüener,
Aglamaly hala, nädeýin gülseň.

Belki bilgeşleýin içimi ýakyp,
Ýarama duz sepýäň, gaşlaryň kakyp,
Pursat azlyk edýär, doýamok bakyp,
Ýakyndan ýa daşdan, gözüme ilseň.

Öten aşyklaryň barynda tymsal,
Onuň haklygyna subut bar mysal,
Wada wepa hemra, yhlasa-wysal,
Men garaşsam çakylyga sen gelseň.

Wagt diýseň ýüwrük ýokdur çeni-çaky,
Dünýäde hiç zat däl ömürlik baky,
Ajy maňyz ýagşy, bolandan paky,
Tükenmez dert bolar armanda galsam.

Ak gollaryň sal boýnuma dolap al,
Dünýä deger, ýüz ýaşaryn şo mahal,
Diý: «Ilmämmet, döwran seňki paýyň al»,
Ömür ahyr ýanýoldaşyň men bolsam. Goşgular